# Sepanýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Sepanýa pygamber biziň eýýamymyzdan öň VII asyryň ikinji ýarymynda wagyz eden pygamberdir. Alymlaryň çaklamalaryna görä, ol Ýoşyýa patyşanyň biziň eýýamymyzdan öň 621-nji ýylynda dini özgertmeleri girizmeziniň öň ýanynda wagyz edipdi (2-nji patyşalar, 22-nji bap).

Kitapda Rebbiň höküm güni we hopukdyryjy weýrançylyklar baradaky pygamberlikler beýan edilýär. Ýahudy halky butlara sežde edýändigi üçin Reb tarapyndan jezalandyrylar. Reb beýleki halkalary hem jezalandyrar. Iýerusalim hem höküm ediler. Emma muňa garamazdan, onda ýaşaýan pespäl we dogruçyl adamlar arkaly şäher gaýtadan dikeldiler.

**Mazmuny**


Rebbiň höküm etjek güni 1:1—2:3
Ysraýylyň goňşularynyň höküm edilmegi 2:4-15
Iýerusalimiň geljegi 3:1-20


## 1-nji bap

1 Amonyň ogly Ýoşyýanyň Ýahudada patyşalyk sürýän
döwründe Kuşynyň ogly, Gedalýanyň agtygy, Amarýanyň
çowlugy, Hizikiýanyň ýuwlugy Sepanýa Rebbiň şu sözi
geldi.

### Rebbiň höküm güni gelýär

2–3 «Ýer ýüzünden bar zady bütinleý syryp-süpürjek.
Ynsanu-haýwany,
Gökdäki guşlary,
Deňizdäki balyklary süpürip taşlajak.
Pisleri büdretjek,
Ynsany ýer ýüzünden ýok etjek»
Muny Reb aýdýandyr.
4 «Ýahuda, hatda Iýerusalima garşy el galdyraryn,
Bagal hudaýynyň gullaryny gyraryn,
Maňa biwepalyk eden ruhanylary ýok ederin.
5 Tamyň üçeginde asman jisimlerine sežde edýänleri,
Rebbe sežde edip, Ondan ant içýänleri,
Molek butundan ant içýänleri,
6 Rebden ýüz öwrenleri,
Rebbi agtarmaýanlary,
Ondan maslahat almaýanlary
Bu ýerden ýok ederin».

7 Hökmürowan Rebbiň huzurynda dym!
Çünki Rebbiň güni golaýdyr,
Reb gurbanlyk taýynlady,
Çagyranlaryny päkläp mukaddes etdi.
8 «Şol gurbanlyk güni
Men hökümdarlary, şazadalary,
Ýat adatlara eýerýänleri jezalandyraryn.
9 Şol gün galp hudaýlara sežde edýänleri,
Öz hudaýlarynyň buthanasyny
Zulum hem hileden
Dolduryanlaryň baryny jezalandyraryn».

10 Reb şeýle diýýär:
«Şol gün Balyk derwezesinden ahy-nala,
Şäheriň täze böleginden dady-perýat,
Baýyrlardan güňleç ses eşidiler.
11 Eý, bazaryň golaýynda ýaşaýanlar, perýat ediň!
Ähli söwdagärleriňiz ýok ediler,
Kümüş ölçeýänleriňiziň bary gyrlar.
12 Şonda Men Iýerusalimi
Çyra bilen agtaryp,
Düýbüne çöken şerap löderesi deýin çöküp,
Içlerinden: „Reb ne ýagşylyk, ne-de ýamanlyk eder“
Diýip, tekepbirlik edýänleri jezalandyraryn.
13 Mal-mülkleri olja bolar,
Jaýlary haraba döner,
Jaý salynsalar-da
Ýaşamazlar onuň içinde,
Üzüm agaçlaryny oturdarlar,
Emma olaryň şerabyndan içmezler».

14 Golaýdyr Rebbiň höküm güni, golaýdyr,
Ine, ýetip gelýändir ol,
Hasratlydyr Rebbiň şol güni,
Batyr esger ajy perýat eder.
15 Şol gün — gazap güni,
Betbagtçylyk, muşakgat güni,
Weýrançylyk we harabalyk güni,
Garaňkylyk we gam-gussa güni,
Bulutly we tüm garaňkylyk güni bolar.
16 Galalara we beýik diňlere hüjüm edilip,
Uruş surnaýy çalnyp, duýduryş beriljek gündür ol.

17 Men ynsanlaryň başyna muşakgat indererin,
Olar kör adam kimin ýörärler,
Ganlary suw deýin döküler,
Bedenleri ders kimin çüýrär,
Çünki olar Rebbe garşy günä etdiler.
18 Rebbiň gazaply gününde,
Altyn-kümüşleri halas edip bilmez olary,
Rebbiň gabanjaňlyk odunda
Bütin dünýä ýanyp kül bolar,
Çünki Reb ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň baryny
Gyryp ýok eder.